# Bosgunlar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Bosgunlar BOSGUNLAR




Taşlap ojagyn,
Taşlap saçagyn,
Sany-sajagy ýok munda gaçagyň.
Düýnem daňdan öz öýünden örenleň
Bu gün ýüzi hanjak,
Ümzügi hanjak?!
Yzyňdan ýetseler naýzany sançjak.

«Haýsy künji gowy – diýip-dünýäniň?“
Hyýalymda göz öňüne getirdim.
Heläk edýär bir-birini adamlar,
Men ýene-de rahatlygym ýitirdim.

Taýaklymy, taýaksyz,
Aýaklymy, aýaksyz,

Sakgallymy, sakgalsyz,
Akyllymy, akylsyz…
Gaçyp barýar şekilsiz.
Öz-özüni ýarýar janyndan iren.
Şeýtan oka tutýar ýakyn-yragy.
Gahardan,
Zäherden,
Ýasalan näkes,
Ýüz jany,
Müň jany bilenok hasap.
Adamlar gorkudan gaçýarlar tasap.

Gaçanam «Ýa, Alla!“ diýýär,
Kowanam diýýär «Ýa, Alla!“
Başlasam-da bu goşgyny,
Jemläp bilmedim, hyllalla…

25-31.07.2016. Goşgular